# Göwündäki gündelik -10/ dowamy

Category: Filosofiýa,Goşgular,Kitapcy,Ýatlamalar
написано kitapcy | 25 января, 2025
Göwündäki gündelik -10/ dowamy * * *

Akademik Gaýyp Nepesowyň “Великий октябрь и победа народной революции в Хорезме” (“Uzbekistan” neşirýaty, 1971) atly kitaby elime düşdi. Täsin maglumatlara baý eken. Ynha, käbiri:
1912-nji ýylda Hywa hanlygynda 600 müň adam ýaşap, şolaryň 60 gňterimi özbekler, 25 göterimi türkmenler, 15 göterimi garagalpaklar, gazaklar we beýleki milletler eken.
Hywa hanlygy administratiw-dolandyryş babatda 23 beglige bölünipdir. Olary han tarapyndan bellenilýän begler, häkimler dolandyrypdyr.
Beglikler bolsa gyşlaklara-obalara ýada metjitlere, metjit kowumlaryna bölünipdir. Olara ýörite begiň bellän aksakgaly ýolbaşçylyk edipdir.
Türkmenler esasan tire-taýpa esasynda gadymdan gelýän däp boýunça häkimlik ýöredilipdir. Hywa ýomutlary esasan bäş sany uruga bölünip, olar aşakdakylardyr: salak, uşak, öküz, orsukçy, garaçuka. Her tirä han tarapyndan bellenen möhürdarlar baştutanlyk edipdir. Möhürdar täsirli, barjamly-baý, gepi geçýän adamlardan bellenip, olara aglaba “serdar” diýlipdir. Olaryň “kethuda” ady hem ýörgünli bolupdyr.
Her tire hem böleklere bölünip, ol obalara aksakgallar baştutanlyk edipdir. Kethudalar we aksakgallar gönüden-göni möhürdara-serdara, möhürdar bolsa hana garaşly bolupdyr.
Ýer-suw bölünişigi şeýle bolupdyr:
Patyşalyk ýer-gönüden göni hanyň garamagyndaky,
Mülk ýeri-nesilden nesle geçip gelýän eýeçilik,
Wakuflyk ýer-dindarlara, metjitlere, medreselere bölünip, hemişelik ulanmaga degişli eýeçilik.
XIX asyryň ahyrynda Hywa hanlygynda bary-ýogy 2 sany ýag zawody bolupdyr. Bu kärhanalar bug maşynlary bilen

işledilipdir.
Birinji Jahan urşunyň öň ýanlarynda hanlygyň çäginde 36 sany pagta arassalaýjy we ýag, sabyn çykaryjy zawodlar bolupdyr. Şeýle hem şol wagt Hywa hanlygynda 4 sany deri-gön işläp bejerýän, 8 sany ýorunja tohumyny arassalaýan, 11 sany kerpiç çykarýan, goýun-geçiniň içegesini gaýtadan işleýän zawodlar bolupdyr.
Hywa hanlygynyň ykdysadyýetinde ýönekeý esasda guralan hünärmentçilik-senetçilik has ýörgünli bolupdyr. Özbek milleti hünärmentçiligiň neçjarçylyk, külalçylyk, agaç ussaçylygy ugruna köp üns beripdir. At arabasy, eşel arabasy, suw çykarmak üçin jykyrlar ýasamak, palçykdan pagsa tamlar salmak, bişirilen toýundan her hili gap-gaçlar, tabaklar, syrçalanan badyýalar, çäýnek, käse ýasamak nesilden-nesle geçipdir.
Agaç ussaçylygy has giň ösüpdir. Pil, kätmen, orak, aňňal, teşe we beýleki zähmet gurallaryny ýasaýan müňlerçe ussalar bolupdyr. Olaryň hünäri aglaba nesilden-hesle geçipdir. Hatda “Kätmençiler obasy”, “Badyýaçylar obasy”, “Gamyşçylar obasy” ýaly atlar ýörgünli bolupdyr.
Agaç ussaçylygy hat-da uzak ülkelerde-de belli bolupdyr. “Hywa derwezesi”, “Hywa gapysy” diýlip mahabatlandyrylýan harytlar sünnäli ýasalyp, ajaýyp ussalaryň ellerinden çykypdyr. Olary han-begleriň köşkleri, atly, barjamly baýlaryň howlulary, saraýlary üçin uzak ýol söküp äkidipdirler.
Türkmen zenanlary köplenç haly, keçe senedi bilen meşgullanypdyrlar, erkekler ekin hem-de käbir obalarda senetçilik bilen meşgullanmak ýoň bolupdyr. Esasan uzakçyl, ýadamazak, diýenediji ýomut atlaryny ýetişdirmek has ýörgünliligi bilen tapawutlanypdyr. Türkmenler “laýa bulaşandan gana bulaşanyň ýagşy” diýen ýörelgä eýerip, goşunda gulluk etmek, atlyk ýerleri eýelemgäge has köp üns beripdirler.
Suwarymly ýeriň möçberi 450-460 müň desýatin çemesi bolup, şonuň 16,6 göterimi hana, 40 göterime golaýy wakuf-dini eýeçilige degişli bolupdyr.
Hanlygyň çäginde 25 müň 500 sany işan, molla, ahun, müfti barlygy şol döwürde hasaba alnypdyr. Olar 471 müň tanap (1

tanap-900 inedördül metr) ýere eýeçilik edipdirler, şonuň 178 müň tanap ýeri ekin üçin ýaramly bolupdyr.
Obalarda ýeleriň agalba bölegi baý-barjamly adamlaryň elinde jemlenipdir. Hanlygyň ilatynyň 5 göterim çemesi baýlar bolup, ola suwarymly ekerançylygyň 30 göterim çemesine eýeçilik edipdirler. Şol bir wagtda daýhanlaryň 30 göterim çemesi 0,5 tanapdan 3 tanap aralygynda ýere eýeçilik edip bilipdir. Ýöne olaryň köpüsinde iş mallary bolmandyr. Hanlygyň ilatynyň 11 göterim çemesi ýersiz, malsyz batraklar bolupdyr. Şeýleikde olar hersi 2-3 müň tanap ýere eýelik edýän han emeldarlarynyň, uly baýlaryň gapysynda ýarymça işleýän ýa-da batrak bolup gezipdirler.
Mülk ýerlileriň, uly baýlaryň, ylaýta-da paşşalyk hem-de wakuflyk ýerde kärendesine-“kesim ýer” bermek düzgüni giň ýaýrapdyr. “Kesimçi” daýhan ekip, bejerip, ýygnan hasylynyň ynsaplylyk edilse ýarpysyna, has husydyrak hojaýyn bolsa 3-den birine, hat-da 5-den bir bölegine hem razy bolmaly bolupdyr.
Ýer eýeçilkde bolansoň. islendik wagty, islendik adama ylalaşylan nyrhdan satylypdyram. Uly ýaba , arna ýakyn ýerleriň 1 tanapynyň hyrhy 50-100 tylla (1 tylla-1 man. 80 köpük) aralykda bolupdyr. Şol döwürde bazarda 2 öňüziň bahasy 10-12 tylladan geçmändir.
Zakaspi demir ýolunyň çekilmegi bilen haryt-söwda dolanşygy has ösüpdir. Horezm topragyndan Russiýa ugradylýan harytlar esasan pagta, ýorunja tonumy, tüwi, garaköli bagana, ýüň, haly, ýüpekçilik önümleri, işlenen gön-deri bolupdyr.
Birinji Jahan urşunyň öňýanynda Hywa hanlygynda resmi taýdan 24 görnüşli hökümet salgydyny tölemek hökmany bolupdyr, ýöne adaty durmuşda ol salgytlaryň sany 70-e ýetipdir. Sebäbi hana tölemelisinden başga bege, möhürdara, emläkdara, kethuda, mükldara, wahymdara tölemelisem aýdylyşy ýaly, garyp-gasaryň “hamyny soýupdyr”.
“Salgytçynyň yzy üzülmeýärdi, salgytdan ýüklenen bir araba obadan çyksa, onuň deregine “salgyt üçin” diýip, iki araba girýärdi” diýip, gözi bilen görenler ýazypdyrlar.
( Гаиб Непесов- “Помощ старщего брата” (изд, “Каракальпакия”-1968)

* * *

Şu günki “Bereketli toprak” gazetinde mirasgär Şöhrat Abdynyň “Oba hojalygy bilen bagly adalgalar” atly makalajygynda gözüm eglendi. Şapbada ýetmeýän kiçijigem bolsa, içi köpümiziň bilmeýän, ýöne hökman biläýmeli zatlarymyzdan doly eken. Ine, olar:

Ujal – ýere tohum sepilende, ýalňyşmazlyk üçin atyzy böleklere bölüp, künde bilen çyzyp çykmak.
Azal – iş mallarynyň yzyna tirkelýän ýer sürýän enjam.
Künde – azalyň ýer sürýän bölegi.
Düme – (käbir şiwelerde çüte) suwarymsyz ýerde suwarylman, ýagyş-ýagmyryň suwuna ekinleri ösdürip ýetişdirmek.
Şildir – tohumy suwly atyza sepip ekmegiň görnüşi.
Şine – tohumyň ýarylyp, uç görkezip başlamagy (şiwelerde – nişe manysy hem bar. Ol arynyň, içýanyň çakýan iňňesiniň ujy).
Süýbek – eldegirmeniniň iki daşyny bir-birine birleşdirýän agaç.
Pişek – ýanlyk ýaýylanda ulanylýan ujy çarpara haç görnüşindäki agaç.
Aýyň – guýularda suw çekmek üçin niýetlenilen deriden ýasalan gowanyň agzyna goýulýan çarpara agaç.
Dartma – jykyra barýan suwly ýap.
Şeýle hem şu gün çykan “Türkmeniň Ýüpek ýoly” gazetinde internetden alnan täsinje bir maglumat bar eken. Ol şeýle:
“Gar tozgajyklarynyň hiçisi bir-birine meňzemeýär we ýere düşende bir-birine degmeýär.Bu täsinlik ilkinji gezek amerikaly Wilson A. Bentiniň ünsýni çekýär. Ol 1885-nji ýylda gar tozgajyklaryn y surata düşürýär. Şeýlekide 1930-njy ýylda onuň içi “gar tozgajyklaryndan” doly 2500 suratly kitaby çap edilýär.”
Biziň bu dünýäniň geňliklerine degişli bilmeýän zatlarymyz gör näçekä?

12.01.2019.

* * *

Okap outran gazetimde şeýle setirler bar eken:
Ýeri özakymlaýyn suwaryp hasyl alan bolsalar, hasylyň ondan biri, eger jykyr gurup, at, eşek, düýe ýaly iş mallarynyň hyzmatyndan peýdalanyp hasyl alan bolsalar, ýigrimiden biri görnüşinde hüşür çykaryp, ony ylym öwrenmek üçin başga ýerlerden gelen talyplara, ýetimlere, maýyplara, umuman, özi gazanmaga mümkinçiligi bolmadyk mätäçlere paýlapdyrlar.
«Hakgulla» taýýar bolan çäjiň her ýerinden azajyk alnyp, ol hem öňde agzalan adamlara berlipdir. «Hakgulla» harmanyň halallygy üçin çykarylypdyr. Suw tutulan, ýer sürlen, harman döwlen halatynda bilmezlikden, kişiniň haky goşulan bolsa, şony päklemek maksady bilen berlipdir.
Daýhanlar diňe bir mätäçleri däl, eýsem guşlardyr haýwanlary hem gözden salmandyrlar. Harman döwründe ulanylan iş mallarynyň iými şol harmanyň dänesinden alnyp berlipdir. Eger iş malyny harmany döwüp bolan bada eýesi äkidýän bolsa, onuň şol günki iýjek iými torbasyna guýlup goýberilipdir.
Harmanda guşlaryň haky hem bar diýlip hasap edilipdir. Taýýar bolan harmany eýesi çuwalyna guýmanka, ondan guşlaryň hakyny hem bölüp beripdir. Harmandan guşlar iýer ýaly, birnäçe goşawuç dänäni takyrjak ýere guýupdyrlar. Ýogsamam harmanyň bir çetinde guş hakyny galdyryp gidipdirler.
Geň göräýmeli, elime ilen başga bir gazetde-de şeýle täsin ýazgylar bar:
Hasyl ýygmaga ýa-da meýdan ot-çöpüni ormaga esasy gural bolan oraklaryň atlary hem biri-birinden tapawutly bolupdyr. Olaryň ot orak, tut orak, meýmürçe orak, üzüm orak, sokma orak, ýülmek orak, çaga orak, aňňal orak, maňňal orak, keçkert orak, kakma orak, sogan orak, koçkyrt orak, çalgy orak (dişsiz), ors orak, segment orak… ýaly başga-da atlary we nusgalary bolupdyr.
Orak dişelende olaryň tapawutly atlary bolupdyr. Dişelen türkmen oraklaryna «ýylan diş» diýip at beripdirler. Dişelen «agzy açyk» oraklara «göni diş» diýlipdir. Il arasynda «ýylan diş» diýip tanalan oraklaryň hyrydary köp bolupdyr. Demirçi ussalaryň aýtmaklaryna görä, oraklar dişelende, ýyrtyjy, dişli haýwanlaryň dişlerinden nusga alnypdyr. Ýylan diş oraklaryny

hemme ussa taýýarlap bilmändir. Sebäbi olar ownuk we gyýaklygyna dişelipdir. Demirçi ussa oraklary demir galam bilen dişäpdir we taýýar metaly işläpdirler.

15.01.2019.

* * *

“Türkmenistan” gazetinde “Heňňam hekaýatlary” toplumyndan “Ömrüň hatar durnasy” atly bölek çykdy. Iki sanynda bölüp berdiler. Şonda türkmen milli sungatynyň ýyldyzlary Nury Halmämmer, Çary Nurym, Baba Annan hakda söhbet edilýärdi. Ony okap onlarça adam jaň etdi, ýolda-yzda duşup “sag bolsun” aýtdy, käbiri gazetiň redaksiýasyna, baş redaktoryna hem şeýle äheňde ýüzlenipdirler.
Işde otyrkam, kabulhanadaky telefon jyrlady. Baryp galdyrsam, ýognasdan gartaňrak ses ýykdy, meni sorady. Saglyk-amanlykdan soň, ol özüni tanatdy, filosofiýa ylymlarynyň doktory, professor, häzir hem institutlaryň birinde işläp ýören uly alym (adyny, familiýasyny aýdyp oturmaýyn). Sag bolsun, gazetdäki çykyş üçin minnetdarlyk bildirdi. “Nury neresse menden 4-5 ýaş uludy, gözümde galypdyr, Daýna obasyndaky şol horja keşbi. Okap, inim, ynansaň, gözümi ýaşlap oturypdyryn, indi ýürekleriň sary hem ýukalypmy, nämemi, onsoň oýlanyp, gijesi bilen 30-40 bent goşgy ýazdym, ertir saňa ugradaryn” diýdi. Trybkany goýup, öz içimden şeýle diýidim: “Segseni sermeläp ýörkäň şony okap, ömrüňde birinji gezek goşgy ýazjagyňy bilen bolsam, ýoldaş mugallym, walla, men şol materialy ýazmazdym”.
Pikir edişim ýalam boldy. Ertesi iş stolumyň üstünde kompýuter görnüşinde edilen kitapça dur. Şol O. D.diýilýän alymyň goşgulary. Ýa bissmilla, sizem okap “hezil” ediň!

Halkymyzyň arzuwlany,
Türkmenleriň sen zybany.
Ýurdumyzyň şöhrat-şany,
Türkmen tugy, türkmen tugy.

Göwnüňiz “küýsände” ymsynmaz ýaly, ýene-de birjejigini diňläň:

Hazar özgertmeler jana-jan waka,
Ata Watan üçin ajaýyp waka,
Geljegi asla gudratly waka,
Göwün galkyndyrýan owaz mekany.

Türkmen aganyň “it ýandaga siýen ýaly” diýilýän gödegräkden gönümel sözi bardyr. Ýokarky “goşgulary” okap, şol aýtgy ýadyma düşdi. Beýle “ajaýyp setirleri” tapjak bolup, gündiz çaýyny sowadan, gije ukysyny kemen zehinli awtora bolsa hem-ä ýüregim awady, hemem gülküm tutdy.
Iň gyzykly ýerinem diňläň! Ýaňky goşgyly kitaby gaharyma dört hem däl, sekiz bölek edip ýyrtyp, zibil oklanýan urna zyňyp goýberdim.

16. 01. 2019.

* * *

Orazmyrat Myradow “Türkmenistan” gazetinde “Aýdaý, näme üçun?” diýen kiçijik, emma many ýüki ýetik makala ýazypdyr. Şonda şeýle täsin maglumat bar eken:
“Ömrümiziň dowamynda ortaça:
Uka-27 ýyl sarp edýäris.
Işleýän wagtymyz-10,5 ýyl.
8,5 ýyl ýolda bolýarys.
7,6 ýyl telewizor görýäris (käbir ýurtlarda 19,5 ýyla hem barýar).
5,5 ýyl nahar iýýäris.
2,8 ýyl syrkaw wagtymyz.
2,3 ýyl okaýarys (esasan kitap).
2,6 ýyl mekdebe gidýäris.
1,5 ýyl bedenimize timar berýäris.
1,5 ýyl hiç zat edemizok”.

Ine, öz-özümize oýlanmak üçin tema. Hezreti Magtymgulynyň “Az iýgil, az ýatgyl, sözüň az etgil” diýen pendi-ündewini eýsem her birimiz nähilräk berjaý edýärkäk? Ýaşamak üçin iýýärmikäk,

ýa-da iýmek üçin ýaşaýarmykak?! Zähmeti köpräk çekýärmikäk ýa-da az işleýänimiz üçin minneti?! Ýaşan ömrümizde boş sahypalar-bimany günler känmikä ýa-da dok däne ýaly il-güne, hiç bolmanda, özüňe peýdaly iş edilen mütdetler?
Orazmyrat inim, okanlaryň içini “byjyklar”, benisini “dörüşdirer” ýaly şeýle delje zatlar galamyňdan çykyp dursun, hernä!

21. 01. 2019.

* * *

Şu gün Garagumyň gujagyna baky ýazyljak bir işiň “bissnillasy” boldy. Aşgabat-Türklmenabat awtobanynyň düýbi tutuldy. Ir säher bilen Aşgabat-Daşoguz awtoýolunyň 24-nji kilometrligine baryp, soň 2-3 kilometr gündogara-gumuň içine gidip, bu taslamanyň başlanýan ýerindäki dabara gatnaşdyk.
Uzynlygy 600 kilometre barabar bolan Aşgabat—Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň gurulmagy ýurdumyzyň ýol ulgamynyň geçirijilik ukybyny, logistik hyzmatlaryň hilini ep-esli ýokarlandyrmaga, halkara ulag-üstaşyr düzümini hem-de Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşen goňşy ýurtlar bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary giňeltmäge mümkinçilik berer.
Ýokary tizlikli awtomobil ýoly ýurdumyzyň çäginden daşalýan ýükleriň möçberini ep-esli artdyrmaga we gatnawlary çaltlandyrmaga mümkinçilik berer. Şunuň bilen baglylykda, goňşy Özbegistan bilen ulag ulgamyndaky gatnaşyklary ösdürmekde uly mümkinçilikler açylýar. Ýurdumyzyň gündogar sebitini onuň merkezi bilen baglanyşdyrýan ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň Aşgabat — Türkmenbaşy awtobanyna sepleşmegi ýük awtoulaglaryna Hazardaky Halkara deňiz portuna we şol ýerden deňiz ýoly arkaly Kawkaza, Ýewropa, Russiýanyň günorta sebitine, Eýranyň demirgazygyna, Pars hem-de Oman aýlagyna çykmaga mümkinçilik döreder.
Ýoluň Aşgabat—Tejen bölegi 2020-nji ýylyň dekabr aýynda, Tejen—Mary bölegi 2022-nji ýylyň dekabr aýynda we Mary—Türkmenabat bölegi 2023-nji ýylyň dekabr aýynda ulanmaga doly taýýar edilip tabşyrylar.

Taslamanyň baş potratçysy hökmünde çykyş edýän «Türkmen Awtoban» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň buýurmasy boýunça «Nusaý ýollary» hususy kärhanasy hem-de «Hyzmat merkezi», «Oguz ýoly», «Altyn nesil» hojalyk jemgyýetleri ýoluň gurluşyk işlerini amala aşyrarlar.
Umumy bahasy ABŞ-nyň 2 milliard 300 million dollaryna barabar bolan bu taslamany durmuşa geçirmäge döwletimiz tarapyndan serişdeler bölünip berildi.
Ondan azajyk öňräk-daňdan sagat 7-lerde Daşoguzdan ajy habar geldi. Ömri ýaňy pygamber ýaşyna ýeten Esen Dinmedow dünýäsini täzeläpdir. Pahyr menden bir ýaş uludy, mekdebe bileje gatnapdyk. Biziň gadymy Ýylgynly obamyzdaky iň okumyş adamlaryň biriniň-Dynak körüň ogludy. Dynak aganyň gözüniň kör bolmagyna uzyn gijeläp, özem yzygider pelteli çyranyň yşygyna "Görogly", "Baba-Röwşen" ,"Hüýrlukga-Hemra" ýaly dessanlary ýatman okanlygy sebäp bolupdyr diýip oglan wagtymyz gürrüň ederdiler.
Obada ady Kaka (atasynyň ady dakylan) diýlip tututlýan Esen ençeme ýyllap ilki şäher, soň Daşoguz welaýat içeri işler uprawleniýesine (müdirligine) başlyk boldy, polkpwnik çinine ýetdi. Akgöwün, ýumşak, pälipes, işeňňir ýigitdi. Ýatan ýeri ýagty bolsun! Asyl olaryň tutuş neberesi sowathon, azaphon adamlar. Içinde oba mugallymam, Aşgabatdaky institutda, uniwersitetde mugallym bolup ýörenlerem bar. Uly aýal doganlary Enebaý mugallym meniň gyzym Balsaýada ilkinji "A" garpyny öwreden başlangyç synp mugallymy. Häzirem obamyzdaky mekdepde iň baýry mugallymlaryň biri.

24.01.2019. Ýatlamalar